# Atam düşer ýadyma / goşgular toplumy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Atam düşer ýadyma / goşgular toplumy ATAM DÜŞER ÝADYMA

*Hormatly okyjylar!*
*Bu goşgular toplumynyñ awtory, Magtymguly (öñki Garrygala) etrabynyň Tutlygala obasynyñ 9-njy orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy* ***Sapargylyç Nazarow*** *– ol 1950-nji ýylda Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Kürüždeý oba geňeşliginiň Tutlygala obasynda daýhan maşgalasynda doguldy. Bu topluma onuň dürli ýyllarda ýazan birnäçe goşgulary jemlendi. Onuň goşgularynyň aglaba bölegi öwüt-ündew we başdan geçirmeler häsiýetlidir. Durmuşyň dürli kynçylyklaryñ başdan geçiren şahyryň goşgulary öz okyjysynyň ýüregine we duýgularyna täsir etmek bilen çäklenmän özüniň geçmişi hem-de geljegi hakynda çuňňur oýlanmaga mejbur edýär.*
*Kitapçylar edebi-çeper saýtynyñ döredijilik kollegiýasy bolup, biz hem, şahyryň mundan beýlägem galamynyň ujynyň ýiti bolmagyny arzuw edýäris!*

▶ ZAR ETME!

Kadyr Möwlam, senden bir dilegim bar,
Bu gün meni, ogul gyza zar etme!
Iki dünýä şudur meniň geregim,
Togtadan aýrypjyk, ile zar etme!

Ogluň öz ýeri bar, gyzyň öz ýeri,
Olar üçin işläp döküpdiň deri.
Gerek bolsa birsiň, başdaky seri,
Şonda-da, Biribar, ogla zar etme!

Doganyň daşdadyr, aladaň etmez,
Sesiň gygyrsaňda, hiç ýere ýetmez.

Özüňde bolmasa dilegiň bitmez,
Ýa Biribar, dogan öýne zar etme!

Ogul-gyzyň ýamanlygyny görmäýin,
Boýnum burup goňşy öýne barmaýyn.
Eşiklermi özüm ýuwup sermäýin,
Ýa Biribar, ýanýoldaşdan aýyrma.

Panydan bakyýa gidänçäm meni,
Keseki aşyna zar etme göni.
Elmydam ýadymdan çykarman seni.
Ýa Biribar, gelin öýne zar etme!

Özüm bilip hiç haramlyk etmedim,
Pälim bozup il öýüne gitmedim.
Arak içip keýpi-sapa çekmedim.
Sapar aýdar, meni ile zar etme!

Saparyň dilegin kabul et Alla,
Ezraýyly gapydan gijiräk ýolla.
Elimden aýakdan, gözümden goýma,
Keseki idegne zar etme Alla!

▶ JOGAP ŞEÝLEDIR!

Atanyýaz ahun ahunlar başy,
Beýik depä çykyp synlaýar daşy.
Jennetiň bagynda uçurup guşy,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Depäniň üsünde ahunlar ýatyr,
Üsti gümmezlidir saýalap otyr.
Üç gerçek göreni pikire batyr,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ynandym ok degmez diýseler merde,
Ölmezden öň duşup bir agyr derde.
Kaka ahun ýatyr bir beýik ýerde,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Abdyrahman ahun çagyrdy bizi,
Şurawydan geldik görmäge sizi.
Tarypyn diýmäge tapmadyk sözi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Arkaýyn ýat ahun jennet jaýynda,
Abdyrahman ahun yzyň ýöredýär.
Bir şahyr döräpdir Tutly oýunda,
Sapargylyç atly, jogap şeýledir!

Gitmez daglaryň galyň dumany,
Abdyrahman iliniň molla ymamy.
Seljerer Ahunym ýagşy-ýamany,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Bir gije ýatmady biziňkä gelip,
Ugratdyk biz ony köpülik bolup.
Aman-sag gowuşsyn iline baryp,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Kerim Magtym bir ajaýyp ýigitdir,
Şol ýerlere baryp görmek nagytdyr.
Dost-dogany bir görmegem bagytdyr,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Kerim gaýyn şol sözüňde durarmyň,
Gyzyň ýetse meň ogluma berermiň?
Toý-meýlisde saz-söhbetler gurarmyň,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Gülnar ýeňňem her sözünde otlaýar,
Hojamuhammet, Läle seni ýatlaýar.
Gelmedi diýip ýürek-bagry çatlaýar,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

▶ ATAM DÜŞER ÝADYMA

*Kakam Nazar (Nazargylyç) Sapargylyç oglunyň ýagtyýadygärligine bagyşlaýaryn.*

Pikir edip otursam,
Atam düşer ýadyma.
Agzybirlik ýok bizde,
Kim ýanarka oduma.

Ula – uly diýilmez,
Kiçä hormat goýulmaz.
Ulyň pendi alynmaz,
Atam düşer ýadyma.

Näme ýazyk bar bizde,
Bolupmy adat sizde.
Ýogalypdy ol güýzde,
Ejem düşer ýadyma.

Ýatman daňy ataran,
Şu durmuşa ýetiren,
Gerdeninde göteren,
Ejem düşer ýadyma.

Sürmän sowky-sapany,
Görmän ähdi-wepany.
Garabaýryň tupany,
Awam düşer ýadyma.

Goýun-guzy syrdaşyň,
Tüpeň bolar ýoldaşyň.
Käbäm ejem basdaşyň,
Atam düşer ýadyma.

Ýumşak çörek iýmediň,
Ýüpek donlar geýmediň.
Närazy men diýmediň,
Kakam düşer ýadyma.

Ýetim bolduň ýaşlykda,
Goýun bakdyň daşlykda.
Gün görmediň hoşlukda,
Atam düşer ýadyma.

Dosty onuň Kösedi,
Elindäki käsedi.
Şu wagtlar bolsady,
Şol ýanardy oduma.

Altmyş ýediň onunda,
Ýatdyň ajal donunda.
Ejem ýatyr ýanyňda,
Käbäm düşer ýadyma.

Dokuz çagaň ejesi,
Üç doganyň bajysy.
Sençe ýokdur hijisi,
Ejem düşer ýadyma.

Öljekdigin duýmadyk,
Agtyk-çowluk söýmedik.
Agzybirlik ýaýmadyk,
Enem düşer ýadyma.

Ejeň gözi kör boldy,
Dünýä oňa dar geldi.
Zähmet bilini ezdi,
Enem düşer ýadyma.

Kesekiler söýüldi,
Çyn söz galat – diýildi.
Syrlar ile ýaýyldy,
Hak söz düşer ýadyma.
Oraz düşer ýadyma.

Gaçyň agyr töhmetden,
Ýersiz gurlan söhbetden.
Habar alyň Mahmutdan,
Diýen düşer ýadyma.
Ezem[1] düşer ýadyma.

Towuk söýer ketegi,
Uly iýer kötegi.

Ýapaýsalar petigi,
Ezem[2] düşer ýadyma.

Gijelerne düýşümde,
Gündizlerne huşumda.
Her bir eden işimde,
Kakam düşer ýadyma.

Sahylykda ile özün aldyran,
Saýwan, Nohur hemmelere bildiren.
Dokuz başy bu dünýäde galdyran,
Kyblam, atam, sen düşersiň ýadyma.

Daga gitsem dagda görýän,
Baga gitsem bagda görýän,
Ýylgyrýarsyň bakyp her ýan,
Eziz, atam, sen düşersiň ýadyma.

---

[1] Şahyr bu ýerde Aýsoltan atly ezesini göz öňüne tutýar.
[2] Şahyr bu ýerde Nursoltan atly ezesini göz öňüne tutýar.

▶ EJE

*Ejem Enegyz (Gülbahar) Körpe gyzynyň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.*

Hasratly günleri geçirdiň başdan,
Şonda-da durmuşdan razydyň eje.
Gyzlaryň salama gelerdi daşdan,
Gyzlaryňdan razy bolupdyň, eje!

Atanyýaz çopandy bizem çolukdyk,
Ýeter-ýetmezlije günem görüpdik.
Süýjüsiz-kökesiz çaýam içipdik,
Şonda-da durmuşdan razydyň eje, eje!

Surata düşmäge geýim tapmadym,
Boýurganyp goňşy öýne bakmadym.

Aç bolsakda il minnetin çekmedim,
Şeýle durmuşlary görüpdik, eje!

Naharyň başyny bize bererdiň,
Özüň bolsa galyndysyn iýerdiň,
Geýimleriň könesini geýerdiň,
Zat gowusyn bize beripdiň, eje!

Dileg üçin hiç gapydan barmadyk,
Kakam bile sögüşenňi görmedik.
Bolgusyz ýerde entäk ýörmedik,
Seniň wesýetiňi tutupdyk, eje!

Çagalar ulalyp rahadyn görsem,
Hersiniň öýüne salama barsam.
Üzümden, injirden paýyny bersem,
Şeýle arzuwlary edipdiň, eje!

Ekläniň gadyryn, eklände biler,
Saklanyň gadyryn, saklanda biler,
Ekläni-saklany ynjytmaň – diýip,
Şeýle wesýetleri edipdiň, eje!

Nebsi öňe salyp düşmäňler göze,
Agzybir ýaşaň – diýipdiň bize.
Jaýyňyz jennetdir, minnetdar size,
Şu kysmata razy bolupdyň, eje!

Körpe ogluň nesihatyň almady,
Gurbanlykda oturmagam bolmady.
Näsag ýatdym soramaga gelmedi,
Bu zatlara razy däldiň sen, eje!

Kakam bilen tirkeşip, hiç gapydan barmadyň,
Agtyk ýüzün görseňde, çowluk ýüzün görmediň.
Dillerine guwanyp, süýji-köke bermediň,
Bu zatlara biz razy, senem razy bol, eje.

Aşgabatda boljakdyň, ol miýesser etmedi,

Tebip bary jem bolup, derde derman tapmady.
Öz öýüňde jan bermek, saňa nesip etmedi,
Anna ogluň, bar gyzyň senden razydyr, eje!

Näçe haýyş etsem-de, öz öýüňe gelmediň,
Goňşy-golamlar bilen razylaşyp bilmediň.
Atam gitdi öňünçä, senem ondan galmadyň,
Biz-ä senden köp razy, senem razy bol, eje!

Demiň gysyp ýaramanyň görerdim,
Sapar aýdar soramaga barardym.
Gol gowşurup, hyzmatyňda durardym,
Şonda bizden razy bolupdyň, eje!

▶ BOLANNY GÖRDÜK

Agaç bar getirse başy pes bolar,
Agaçlaň miwesin dökenni gördük.
Daglar howalanyp asmana galar,
Ýagmyrda daglaryň eränni gördük.

Agam ejiz diýip pikir eýleme,
Her bir öýde uly-uly söýleme.
Agany inige mätäç eýleme,
Mätäçsiz ýaşalýan zamany gördük.

Görogl rabyň eline düşdi,
Pil syçandan gorkup abraýdan gaçdy.
Tilki gulan üçin janyndan geçdi,
Ýylanyň aýaldan gaçanny gördük.

Agalara agyr töhmet ýapylar,
Agyrsyz ýürege duzlar sepiler.
Aga üçin ini öýi ýapylar,
Şeýle bir döwürleň bolanny gördük.

Dogan-doganyň gapysyndan gelmese,
Näsag ýatsaň soramaga gelmese.
Ulynyň wesýetin kiçi almasa,

Ynamyň üzülip gaçjagyn gördük.

Bu günki göreniň ertä goýmazlar,
Soňra giçdir, agzybirlik ýaýmazlar.
Agajyň ýüzüne gyzyl çaýmazlar,
Gyzylyň kümüşsiz solanny gördük.

Magtymgulynyň aýdan zamany geldi,
Dogan-dogan bilen dilbagly boldy.
Lolular öýleriň törüni aldy,
Aýallaň aksakal bolanny gördük.

Gelinler üýşüşip al-şerap içdi,
Soňra serhoş bolup abraýdan gaçdy.
Öýlerde naharlar tagamsyz bişdi,
Şeýle bir döwürleň bolanny gördük.

Ýagşa ýagşy diýseň abraýy artar,
Ýamana ýagşy diý pälinden gaýdar.
Akyl adam, şeýle bolmaly öýder,
Akmagyň nesihat almanny gördük.

Doganyň-dogana göwni ýetmese,
Aganyň sözüni ini tutmasa.
Geljek nesillere agaç ekmese,
Meýdanyň boş gurap, ýatjagyn gördük.

Syryň ile ýaýsaň, syryň paş bolar,
Doganyň-dogandan ara daş bolar.
Bu bolýan işlere duşmanlar güler,
Duşmanyň haý-haýlap güljegin gördük.

Gyzylyň-kümüşiň könesi bolmaz,
Atanyň enäniň bahasy bolmaz.
Doganyň-dogana wepasy bolmaz,
Doganyň-dogandan gaçanny gördük.

Hudaýyň jemalyn görjek diýseňiz,
Hassanyň ýanyna bargyl – diýdiler.

Sapar aýdar: Agzybirlik ýaýsaňyz,
Özüňiz agzybir bolgul – diýdiler.

▶ BOLMASYN

Ogul başda dogsun, namysly başly,
Soňra bolsun onuň saçagy aşly.
Iline peýdaly elleri işli,
Bigaýrat ogullar, dogdy dogmady.

Ýapmasyn ol ata-ene gapysyn,
Ata-ene biynjalyk tapmasyn.
Doglan ýere ýandak tohmun sepmesin,
Wepasyz ogullar dogdy-dogmady.

Näletkerde ogul başda dogmasyn,
Dogandan soň ol namysa goýmasyn.
Dogan goýlup kesekiler söýmesin,
Messepsiz ogullar dogdy-dogmady.

Ataň-eneň geçdi munda şat bolup,
Galmalymy, olar indi ýat bolup.
Il içinde Oraz çapçy at alyp,
Indi atlar tutulmasyz bolmasyn.

Ketekler açylyp, towuksyz galdy,
Agyllar ýapylyp, harytsyz galdy.
Agam Oraz öýüň eýesiz galdy,
Öýler mydam ýapylmaly bolmasyn.

Agaçlar eýesiz başyny egýär,
Olar beýle zady nämeden görýär?
Aýralyk hanjary bagryňy dilýär,
Aýraçylyk mydamalyk bolmasyn.

Wepaly it öz eýesin gözleýär,
Bilmeýän ol haýsy dilde sözleýär.
Gapa bakyp gara sygyr bozlaýar,
Açyk gapy ýapylmaly bolmasyn.

Çagalara guwanardyň şat bolup,
Gitdi olar ini mundan ýat bolup.
Aýat – Gurhan okalarmy bat alyp,
Aýat – Gurhan okalmasyz bolmasyn.

Balalarym Hoçjy, Rejep diýerdiň,
Sen olaryň könesini geýerdiň.
Her gelende söwüş goýun soýardyň,
Söwüş goýun soýulmasyz bolmasyn.

Atań adyn göterenme begenýän,
Her bir işde dost-doganma daýanýan.
Ýykylamda ogullarma söýenýän,
Ýa Biribar, ýykylmaly bolmasyn.

Gurban aýy ýatlaýardyk köp bolup,
Atlar tutularmy, uzakdan gelip?
Tamakin bolarsyň, tirsegiňe galyp,
Atlar indi tutulmasyz bolmasyn.

Her bir zatdan eý görerdiň balany,
Ulanardyň her bir işde igäni,
Käkilik etinden ekläp çagany,
Sylardyň sen uly kiçi agany,
Uly kiçi sylanmasyz bolmasyn.

Näçe gygyrsańda kär etmez gaýa,
Atany-enäni satdy bir şaýa.
Ýüzüň düşmez indi mähriban öýe,
Olar mydam ýapylmaly bolmasyn.

Aýatsyz ýatarsyň burça bakyp,
Jaýyňyz satdylar içiňiz ýakyp.
Selbi kän aglady gözýaşyn döküp,
Jaýlar gidip aglamaly bolmasyn.

Ol jaýlarda ençe toýlar tutuldy,
Agaçlar ekildi, ýerler depildi.
Şatlykly ýerlere ýandak sepildi,

Ýandak indi gögermeli bolmasyn.

Doganlar yzlaşyp geldiler dada,
Ata-ene galdy tükenmez oda.
Jaýlar satlyp içdiler bada,
Şerap uzak içilmeli bolmasyn.

Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar,
Ýurdundan aýrylan ölinçä aglar.
Aýralyk hanjary bagryňy daglar,
Indi uzak, aglamaly bolmasyn.

Her göremde gapydaky hapany,
Sapar aýdar çekdim jebri-jepany.
Görmedim men inilerde wepany,
Dost-doganda wepasyzlyk bolmasyn.

Agaçlar eýesiz miweläp otyr,
Miwesi eýesiz düýbünde ýatyr.
Miwäni harlasaň näletler getir,
Nälet öýe getirmeli bolmasyn.

Müň gygyrsaň giden direlip gelmez,
Ýurduny satanyň geljegi bolmaz.
Näletkerde atanyň gadryny bilmez,
Bigadyr ogullar başda dogmasyn.

▶ ÄŞE

Altmyş ýaşyň toýun-toýlap,
Äşe ýaşyň uzak bolsun!
Il-günüň daşyňa ýygnap,
Tutýan toýun gutly bolsun!

Köp gowgalar düşdi başa,
Biliň guşap çykdyň işe.
Indi ýetdiň altmyş ýaşa,
Äşe ýaşyň uzak bolsun!

Orta ýaşda ärden galdyň,

Ata derek, ata bolduň,
Enä derek, ene bolduň,
Kä agladyň, käte güldüň,
Şol günleriň geçdigi bolsun.

Arzuwym indi meniň,
Ömrüň uzak bolsun seniň.
Indi eliň ýaga batsyn,
Gelinleriň hyzmat etsin.

Hemmeleriň geregi sen,
Doganlaryň diregi sen.
Sapargylyç ýüregim sen,
Dogan ýaşyň uzak bolsun!

▶ ÝAŞANY GÖRDÜK

Şäheriň eşretli durmuşun görmän,
Şäherde azaply ýaşany gördük.
Ýaşaýyş durmuşuň hözirni bilmän,
Jepaly durmuşda ýaşany gördük.

Atanyň-enäniň raýyny ýykman,
Eşretli günleriň soňuna bakman.
Bolar-bolmaz ýerde synyny dökmän,
Agyr durmuşlarda ýaşany gördük.

Ýassykdaşyň il ugruna gitmedi,
Çagalarna ata orun tutmady.
Ýalbarsaňda hiç diýleni etmedi,
Çagalary ýaşda taşlany gördük.

Üç ogly maksadyna ýetiren,
Öz ömrüni hasrat bilen ötüren.
Işlän ýerden süýji-köke getiren,
Şeýle bir azapkeş uýany gördük.

Elli ýaşda oňat durmuş görmedi,
Aga-ini soramaga barmady.

Gol gowşuryp hyzmatynda durmady,
Hasratda ýaşaýan Äşäni gördük.

Başyň silkip, silkenjiräp gezmediň,
Çagalarňy taşlamaga dözmediň.
Çeken hasratyňy hata ýazmadyň,
Wepasyz durmuşda ýaşany gördük.

Köp hasratly günleri geçiriň başdan,
Kemsinip galandyr deň bilen duşdan.
Kyrkyňda ýetmiş ýaş bererler daşdan,
Hasratly günleri geçeni gördük.

Ogullaryň rahadyny görsedi,
Gelinleri hyzmatnda dursady.
Indi bir jepasyz ömür sürsedi,
Arzuw hyýallarda ýaşany gördük.

Iki gelni öz doganyň gyzydy,
Gunça gelniň durmuşyndan razydy.
Aýjy bolsa pasyllaryň ýazydy,
Pasyllaň soltany ýazlary gördük.

Üçünji gelnini görmäge bardyk,
Oturup-turşun asylly gördük.
Soňra çaý başynda köp söhbet gurduk,
Şadyýan günleriň geçenni gördük.

Aýjy meňzär pasyllaryň ýazyna,
Gunça meňzär suwuň ördek-gazyna.
Jahan gelniň guwanmaly näzine,
Guwanyp ýaşalýan döwrany gördük.

Ogullary näme etse az bolar,
Ýylgyranda gyş günleri ýaz bolar.
Sylanmasa ýürek-bagyr köz bolar,
Sylagly-hormatly ýaşany gördük.

Äşäni ynjytsaň razy bolmaryn,

Närazy edäýseň ýüzüň görmenem.
Aýjy saňa diýýän, ýene-de diýýän,
Agzybirje ýaşan gelini gördük.

Sapar aýdar Äşe uýam ölmesin,
Gelinleri boýurganyp gelmesin.
Duşmanlary şatlanyşyp gülmesin,
Durmuşda ýüz elli ýaşany gördük.

▶ MENIŇ ARZUWYM

Toý tutýarsyň Süýji han,
Biliňi berk guşaber.
Gap-gaçlaryň az bolsa,
Goňşulardan daşaber.

Toýa geler dost-ýaryň,
Göwnüňi giň tutaber.
Toý maşyny gelende,
Süýji-köke seçiber.

Gyzyň bolsun bagytly,
Gapysy eýwan tagtly.
Bolsun olar bäbekli,
Bular meniň arzuwym.

Ýörän ýoly gül açsyn,
Bäbekleri dil açsyn.
Gaýyn-gelin sylaşsyn,
Bular meniň sargydym.

Toýuň-toýa ulaşsyn,
Elňiz ýaga bulaşsyn.
Ilki bolan bäbegiňiz,
Baba diýip dil açsyn.

▶ ALSAŇ NE BOLDY

Hudaýyň işine kylmagyl jedel,
Her işi Hudadan görseň ne boldy?

Näme gerek boldy bolgusyz emel,
Emelsiz ýaşajak bolsaň ne boldy?

Ýassykdaşlyk her gapydan tapylar,
Gatnaşmasaň dogan öýi ýapylar.
Gidilmese ýola ýandak sepiler,
Bu sözlerden many alsaň ne boldy?

Hudaýyň edenne razy bolmasaň,
Bolaýan işlere nazar salmasaň.
Ýaşlyk edip boljak zady bilmeseň,
Bu sözlerde many alsaň ne boldy?

Halaly haramdan saýgarsaň eger,
Ahyrýet gününde peýdasy deger.
Binmysda äjut-majutlar dörär,
Öňünden boljagy bilseň ne boldy?

Äriň göwni üçin çygyrdan çyksaň,
Bilersiň gapydan delmuryp baksaň.
Günülik nyşany boýuňa daksaň,
Soňky boljagyňy bilseň bilseň ne boldy?

Keýpiň çag wagtynda gowudyr ýoldaş,
Agzyň alaranda gerekdir gardaş.
Başyňa iş düşende bolsady syrdaş,
Syrdaşsyz ýaşalsa günüň ne boldy?

Doganyň dogana mähri bolmasa,
Näsag ýatsaň soramagy bilmese.
Her bir işde töwellaňy almasa,
Günüň hor boljagyn bilseň ne boldy?

Hudaý berjek bolsa bererdi başda,
Hemme zat aýandyr içerde daşda.
Nämä gerek çaga elli bäş ýaşda,
Soňky horlugyňy bilseň ne boldy?

Başa iş düşende dostlaryň gaçar,

Dogansyz günleriň nähili geçer.
Näsag ýatsaň gapyň kim gelip açar,
Bu zatlardan many alsaň ne boldy?

▶ JOGAP ŞEÝLEDIR

Myhman üçin gapyny giň açylar,
Hormat edip pul baryny seçdiler.
Nahardan soň buzly suwy içdiler,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Bir depede gurupdyrlar üç jaýy,
Gelenlere beripdirler toý paý.
Aýdyma gygyryp agaly daýy,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Bäş gardaşyň iň ulusy Amandyr,
Ýeňňelermiň iň kiçisi ýamandyr.
Bu döwürler adalatly zamandyr,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Aman awamyň iki gelni bar eken,
Oguldöwlet Allaberdä ýar eken.
Her bir işde hyzmatynda dur eken,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Orazmuhammet meniň awamyň ady,
Ogulmeňli onuň göwnüniň şady.
Ömrüň uzak bolsun awam zürýady,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Eziz, Muhammet, Hüseýin aga-iniler,
Ogsoltan, Ogulnur, Mama bajylar.
Kerkawlydan ötdi, nije gojalar,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Goýunlary bardyr akly-garaly,
Gelinleri barmyş kümüş paraly.
Hüseýin awam halaýarmyş Maraly,

Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Bajylarym barmyş, akylly huşly,
Gardaşlarym barmyş, deňlije-duşly.
Bikäri ýok, olaň barysy işli,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Jaýlarynyň üstüniň pürsi derekdir,
Iýýänleri olaň bugdaý çörekdir.
Halalarmyň başy Ogulgerekdir,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ogul halam uly-uly gürledi,
Gürlesede bir çagyryp bilmedi.
Sapar daýym ugratmaga gelmedi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

* * *

*Aşyr awama bagyşlanýar*

Aşyr awamyň demgysmasy bar eken,
Kötel ýolda oň dünýäsi dar eken.
Iki zenan bir ýigide ýar eken,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Güli ýeňňem onuň başyn sypalar,
Oguldöwlet onuň elin owkalar.
Gyzlyk beren bajym, aýak depelär,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Aşyr awam otyr, iliň gaşynda,
Ýeňňelerim perwanadyr daşynda.
Hiç kemi ýok, olaň eden işinde,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Sagynda Oguldyr, çepinde Güli,
Şekerden şerbetdir, olaryň dili.
Süýji eken dostlar, Jelgalan baly,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Hudaýberen gardaş öýüňe bardyk,
Sen ýok ekeniň çagalaň gördük.
Ömrüň uzak bolsun, Alla tabşyrdyk,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Gelinleriň tagzym edip durdular,
Ýaşmagyň astyndan salam berdiler.
Saçagy giň giň, çaý-suw goýdular,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Bäş gün myhman biz hem Eýrana,
Hudaýberen, Bäşim, gitdi Tährana.
Awalarmy görmän galdyk haýrana,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Hemmämiz jem bolup tagam iýmedik,
Sözleşibem bir didardan doýmadyk.
Tylla käsä altyn şerap guýmadyk,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

* * *

*Nury awama bagyşlanýar*

Açylypdyr Jelgalanyň gülleri,
Nury awamyň epilipdir billeri.
Ýene görmek barmy, awam sizleri,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Nury awam gidip, Hajy bolupdyr,
Gutlamaga deň duşlary gelipdir.
Armanlyja Gurban awam ölüpdir,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Gurban awam armanlyja ölüpsiň,
Ne armanly gara ýerde ýatyp sen.
Hajy awamyň aşyna aw gatyp sen,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Bir gyzynyň ady bolupdyr Doýduk,

Hajy awamyň çaý-çöregini iýdik.
Biz hem goşgyny şu ýerde goýduk,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

* * *

*Seýitmuhammet awama bagyşlanýar*

Dört gerçegi goýup gitdiň yzyňda,
Sowuldy baharyň ençe güýzüňde.
Aglap Ogulgurban, Bossan gyzyňda,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ata, Semet, Hojageldi, Gurbanjan,
Biliňiz berk guşap bolmaň ejiz jan,
Nesipli gün bolarsyňyz siz hem han,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Gynandyk ýaş inip, aýlandy göze,
Hoja awam ugratjak diýip söz berdi bize.
Ýaşyň uzak bolsun, minnetdar size,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Çary hajy çagyrsada barmadyk,
Ezemjanyň ýatan ýerin görmedik.
Hormat bilen aýat okap bilmedik,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

* * *

*Hoja awama bagyşlanýar*

Onuň öýi ýol üstünde dur eken,
Hoja awamyň üç ogly bar eken.
Gerimi giň, gursajygy dar eken,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Hoja awam Meredi aldyrdyň başdan,
Köp jebir çekip, gaçyp sen güýçden.
Eke awam ýadap gelendir işden,

Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Hudaýberen, Bäşim görmedik sizi,
Sizler hem görmäge gelseňiz bizi.
Her günde iýjegiň bolar bir guzy,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ýaşaýar Baýy awam Büžnürt ilinde,
Öýkesi ýok, kinesi ýok, dilinde.
Gülüň ysy gelýär iýýän nanynda,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

* * *

*Äşe bajyma bagyşlanýar*

Mahmut giýew hormat edip çagyrdy,
Kerim Magtym nobat diýip gygyrdy.
Allajan emir edip çaýy doldurdy,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Hatarlanşyp çaý başyna eňdiler,
Geçip bilmän traktora mündiler.
Bolýan işe oba-goňşy güldiler,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Äşe bajym uly hormat eýledi,
Biz bilmedik bulaň däbi şeýledi.
Mahmut giýew doganlaryň gelmedi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Uly hormat bilen ýola saldylar,
Tirkeşipjik çaý başyna geldiler.
Yzymyzdan boýurganşyp galdylar,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

* * *

*Aman awama bagyşlanýar*

Depäniň üstünde gurup jaýny,
Synlap otr Kerkawlynyň oýuny.
Gülzada ýeňňemiň gökje çaýyny,
Içdik, salam bolsun jogap şeýledir!

Aman awam bardyr elli ýaşnda,
Gülzadasy ýylgyryp dur gaşynda.
Oglanlar aýlanyp dur daşynda,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Aman awam bäş gardaşyň ulusy,
Bäşim awam bolar olaň kiçisi.
Hormat bilen garşy aldy üçüsi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Aman awam söwüş goýun öldürdi,
Kethudasy agyz ýolap[1] güldirdi.
Hormatlygyn uly ile bildirdi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

---

[1] Agyz ýolamak – öýkünmek manysynda.

* * *

*Aman awama bagyşlanýar*

Eýrandan bir habar bize gelipdir,
Aman awam gaty meriz bolupdyr.
Dogan gardaşlary daşyn alypdyr,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Gelsin diýip habaredipsiň maňa,
Men gelemde sagdyň näm boldy saňa.
Alla kömek etsin, awamjan saňa,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ugradanda zaryn-zaryn agladyň,
Aýralykdan jiger-bagryň dagladyň.

Biz hem barjak diýip köňül çagladyň,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Habaryň eşidip köp gaýga batdym,
Didara zar bolup telmuryp ýatdym.
Aga-ini baryn habarly etdim,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Doganlaryň üýşürüpsiň daşyňa,
Awy goşulmasyn içen aşyňa.
Ýüz bir ýaş goşulsyn seniň ýaşyňa,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Saglygyňda seniň toýuňa barjakdym,
Aga-ini, dogan baryn görjekdim.
Gol gowşuryp hyzmatyňda durjakdym,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Toýa barjak diýip söz beriň maňa,
Gardaş-doganyň garaşdy saňa.
Bir erbet habary ýetirdiň maňa,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ýaşlygyňdan yslama sen uýupsyň,
Ýagsyz palaw, gaty tüwi iýipsiň.
Gelenden-gidene gelsin diýipsiň,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ärler, pirler ýetip bir kömek eýle,
Awam janyň haly agyrmyş şeýle.
Muhammet Mustapa bir nazar eýle,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Aman awam köp ýaşasyn ölmesin,
Dogan-gardaş aglaşybam galmasyn.
Dostlar gamgyn bolup, duşman gülmesin,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Şum habar getirdi Eýrandan gelen,

Hudaýym bolsady barsy ýalan.
Bolgusyz habarlar bagrym dilen,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

▶ MYHMANÇYLYKDA

Ýagsyz tüwi tabaklara guýdular,
Iki adam bir tabakdan iýdiler.
Bişirýäne sagbolsunam diýdiler,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Gurap galsyn Jelagaýyň deregi,
Biz iýmedik bişen tamdyr çöregi.
Gelenlere beripdirler toý paýy,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Allaberdi çykan bir gözel aldy,
Soňra aýrylşyp bagryny dildi.
Ýaş-juwan bajysy otlanyp öldi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Gyzça halam zaryn-zaryn aglady,
Kesip-kesip jiger-bagryn aglady.
Duşmanlary olaň murtun ýaglady,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ogul halam uly-uly gürledi,
Ýaman ýeri bir çagyryp bilmedi.
Sapar daýym ugratmaga gelmedi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Aşyr daýym boldy çapçylar başy,
Bibi ýeňňem boldy galamy-gaşy.
Süýji tagamlardan bişirýär aşy,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Hajynur diýen daýym bar eken,
Ulny-kiçini sylaýar eken.
Büžnürde gelen myhmany çeken,

Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Ilki garşy alan Hajynur boldy,
Soňra dogan-gardaş daşymyz aldy.
Büžnürde gelenmiz agalar bildi,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Sagat on birlere Büžnürde bardyk,
Aga-ini, dogan gardaşy gördük.
Saçagy giň ýazyp tagamlar iýdik,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

Büžnürt ili bu ýerlerden daş boldy,
Şükür daýa bir aryjyk iş boldy.
Sowuk düşdi, öňümizem gyş boldy,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir!

▶ TUTLYNYŇ

Wasp edýärin, dostlar, gözel obamy,
Agzybir ilaty bardyr Tutlynyň.
Uzaga gidýändir nesil dowamy,
Hanlary, begleri bardyr Tutlynyň.

Bereket getirer bahary-ýazy,
Hasyla baýdyr, altyndan güýzi.
Abraý getirýändir oglany-gyzy,
Namysjaň ilaty bardyr Tutlynyň.

Daglary bardyr belentli-pesli,
Azançysy bardyr, belentden sesli.
Nohurdyr ýaşaýan, halkynyň asly,
Şahandaz ilaty bardyr Tutlynyň.

Dünýäde bellidir almasy-nary,
Höwesekdir oňa adamlaň bary.
Eränide sil getirer dagynyň gary,
Sumbary joş urup akar Tutlynyň.

Gözelleri bardyr, akylly-başly,

Gelinleri bardyr, garagöz-gaşly.
Ýigitleri bardyr, altyndan işli,
Mähirli ýaşlary bardyr Tutlynyň.

Jaýlar bardyr, hatardan-hatar,
Mergenleri bardyr, gözünden atar.
Keýigiň yzyndan kowalap ýeter,
Ýyndam ýigitleri bardyr Tutlynyň.

Myhman üçin gapny giň açarlar,
Namys üçin maldan-başdan geçerler.
Toý meýlisde nogul-nabat seçerler,
Eli açyk halky bardyr Tutlynyň.

Daglaryň üsüniň akja gary bar,
Şekerden-şerbetden süýji nany bar.
Her kimiň özüniň gözel ýary bar,
Sylagy-serpaýy ýetik Tutlynyň.

Obanyň ýeňsesi beýik daglydyr,
Sapar aýdar, ýürek saňa baglydyr.
Goşgy ýazýan şahyr Nazar ogludyr,
Gözel tebigaty bardyr Tutlynyň.

▶ MÄHRI ÝEGEN

Senden habar sorar boldum,
Näme boldy Mähri ýegen.
Iller gitdi ýeke galdym,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Beslenip toýa gelmediň,
Şatlanyp oýnap-gülmediň.
Daýyňdan habar almadyň,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Zar boldum daýy sözüňe,
Ýaş indi gara gözüme.
Agyry indi dyzyma,

Näme boldy, Mähri ýegen!

Derde derman tapylmady,
Müňde bir gül açylmady.
Süýjülik suw içilmedi,
Nogul-nabat seçilmedi,
Näme boldy, Mähri ýegen!
Armanly sen, Mähri ýegen!

Deň-duşlaryň gelin boldy,
Bäbekleri daşym aldy.
Käbäň ejeň derde galdy,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Ýegenleriň naýbaşy sen,
Ýaz aýynyň Gülbaşy sen.
Allanuryň toýbaşy sen,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Derdiň güýçli, bildirmediň,
Duşmanlary güldürmediň.
Başyň ýerden galdyrmadyň,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Haçan görsem dermanly sen,
Bu durmuşda armanly sen.
Kaka daýyň geregi sen,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Agyr dert düşdi başyňa,
Daýzalaň üýşüp daşyňa.
Ýaş goşulsyn seň ýaşyňa,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Azap edip bukja geýim ýygnadyň,
Sen özüňi hiç kimden kem görmediň.
Toý geýmiňe dürli nagyş gaýmadyň,
Dili süýji eli çeper, Mähri ýegen!

Başyň ýerden galdyrmadyň,
Gara gözüň güldürmediň.
Syryň ile bildirmediň,
Näme boldy, Mähri ýegen!

Ejeň galdy agyr derde,
Dädeň ýatyr gara ýerde.
Toý eşigiň galdy bärde,
Näme boldy, Mähri ýegen!

▶ ATAM NIREDE

Dag başynda duran guşlar,
Suw başynda ýatan daşlar.
Gaplaň, möjek munda gyşlar,
Habar beriň atam nirde?

Şahly ady kimden galdy,
Suwy süýji diýseň boldy.
Töweregi gyzyl güldi,
Habar beriň atam nirde?

Dowarlary suwa ýakan,
Suw başynda agaç eken.
Çopan bolup zähmet çeken,
Salgy beriň atam nirde?

Taraňguly adyn alan,
Arly tomus şonda bolan.
Ýalňyzlykda ýeke galan,
Habar beriň atam nirde?

Ata çopan ýoldaşyň,
Rahman onuň syrdaşydy.
Käbäm ejem basdaşydy,
Habar ýokmy, atam nirde?

Ýüze syljak oň yzny,
Görsem diýip gül ýüzüni.

Görkeziň siz oň özüni,
Habar aljak, atam nirde?

Soraýaryn Meret molla,
Bilseň maňa habar ýolla.
Söýünjiňi gelip alla,
Salgy beriň, atam nirde?

Soradym men arçalardan,
Uçup barýan serçelerden.
Geçdi diýdi golçalardan,
Tapmadym men, atam nirde?

Üçagaçdan geçip gitdim,
Derelere bakyp gitdim.
Koçurlana baryp ýetdim,
Tapmadym men, atam nirde?

Çykdym gözläp ençe daga,
Görmediňmi Aşyr aga?
Barsammykam Böwürbaga,
Maslahat ber, atam nirde?

Atam ady Nazargylyç,
Söwer ogly Annagylyç.
Goşgy düzýän Sapargylyç,
Habar ýokmy, atam nirde?

Horlansamda gaty ýadap,
Agyrlarma diýseň çydap.
Lüşiliýe bardym idäp,
Tapmadym men, atam nirde?

Musa menden geçdi diýdi,
Gördüm, gözi ýaşly diýdi.
Lüşüliden aşdy diýdi,
Tapmadym men, atam nirde?

Gyzlaryňa näme jogap bereýin,

Ony gözläp haýsy daga baraýyn?
Eşigini özüm ýuwup sereýin,
Habar beriň meniň atam nirede? Goşgular